Lebap welaýatynyň edara ediş merkezinde Suw hojalyk meseleleri boýunça bilelikdäki türkmen-özbek hökümetara toparynyň nobatdaky mejlisi geçirildi. Oňa iki goňşy ýurduň döwlet düzümleriniň birnäçesiniň ýolbaşçylary we wekilleri gatnaşdylar. Mejlisiň gün tertibine ozal gazanylan ylalaşyklary durmuşa geçirmek, hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemek bilen bagly meseleler girizildi.

Toparyň başlyklary duşuşygy açyp, deňhukuklylyk, hoşniýetli goňşuçylyk, ynanyşmak, özara bähbitlilik ýörelgeleri esasynda ösdürilýän türkmen-özbek gatnaşyklarynyň ýokary derejesini kanagatlanma bilen nygtadylar. Bellenilişi ýaly, ýurtlaryň ikisi-de bilelikdäki taslamalary amala aşyrmak üçin bar bolan mümkinçiliklerden has doly peýdalanmaga çalyşýarlar. Häzirki wagtda Türkmenistan we Özbegistan Respublikasy halkara syýasatyň esasy meselelerine çemeleşmeleriniň meňzeşdigini göz öňünde tutup, diňe bir özara bähbitlere däl, eýsem, tutuş sebitiň abadançylygynyň, rowaçlygynyň maksatlaryna laýyk gelýän netijeli gatnaşyklary hem yzygiderli ösdürýärler.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän giň gerimli özgertmeler, milli ykdysadyýetiň ösüşini çaltlandyrmak babatda saýlanyp alnan ugur, bilelikdäki işiň toplanan tejribesinden doly peýdalanmak, baý tebigy serişdeler hem-de ägirt uly ykdysady, eksport kuwwaty iki döwletiň hyzmatdaşlygynyň ugurlaryny giňeltmek babatda uly mümkinçilikleri açýar.

Taraplar ileri tutulýan ugurlarda özara gatnaşyklaryň okgunly ösýändigini nygtap, oba we suw hojalygy pudagynda netijeli hyzmatdaşlygy dowam etdirmäge taýýardyklaryny tassykladylar. Şunda suw serişdelerini rejeli ulanmak meselelerine aýratyn üns berildi. Bar bolan mümkinçiliklerden peýdalanmakda tagallalaryň birleşdirilmegi türkmen-özbek hyzmatdaşlygyny hil taýdan täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmaga şert döreder.

Duşuşyga gatnaşyjylar ikitaraplaýyn geňeşmeleriň yzygiderli geçirilmeginiň zerurdygyna ünsi çekip, iki ýurduň we olaryň doganlyk halklarynyň bähbidine netijeli gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmagyň zerurdygyny nygtadylar.

**TÜRKMENISTANYŇ MEJLISI**

Все права защищены